# Azatlykda akmaklyk ýok

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Azatlykda akmaklyk ýok AZATLYKDA AKMAKLYK ÝOK




*Müsür taryhynyñ iñ gorkunç konfliktleri bilen ýüzbe-ýüz bolan häzirki günlerinde oppozisionerleriñ Müsüri duçar eden öwgüli we paýyş sözlerini gördügimiz saýy, 1919-njy ýylyñ Rewolýusiýasyny we Saad Zaglulyñ mirasy arkaly şol ýalkymly sahypalary täzeden waraklaýarys.*
*Fotosurat: Mahmud Elhwas/NurPhoto*

Azatlygyñ ýok ýerinde žurnalistika kem-kemden ölýär.
Tohumlar olaryñ ýaşamagyny üpjün edip biljek dirilik suwy bolmasa toprakda şineläp bilmeýär.
Azatlyk awy-zäher bilen garyşdyrylsa, azatlygyñ gözlegindäki adam ahlak çöküşligi bilen hakykaty aýyl-saýyl edip bilmese we azatlygyñ ýeke-täk manysy bardyr öýtse, bulam ýykmakdyr, sögünmekdir, galmagal etmekdir, şeýle ýagdaýda žurnalistika ýeke minudam ýaşap bilmeýär.
Asyllylygyñ, inçeligiñ, belentligiñ ýok ýerinde azatlyk bolmaz.
Küpürbaz elmydama-da küpürbazdyr, onuñ başga ady-da, sypaty-da, lakamy-da ýokdur.

Sögünç dilini añsat oñlaýan, sögünip gürlemegi halaýan, alkyş okaýan, onuñ porsy ysyndan lezzet alýan adam diñe ýokanç keselleri ýaýradyjy mikropdyr.
Azat liderler kolonizatorlara garşy göreşenlerinde-de, hiç mahal agyzlaryna paýyş söz almandyrlar.
Müsür taryhynyñ iñ gorkunç konfliktleri bilen ýüzbe-ýüz bolan häzirki günlerinde oppozisionerleriñ Müsüri duçar eden öwgüli we paýyş sözlerini gördügimiz saýy, 1919-njy ýylyñ Rewolýusiýasyny we Saad Zaglulyñ mirasy arkaly şol ýalkymly sahypalary täzeden waraklaýarys.




Oppozisioner aktiwistleriñ bular ýaly ekzistensial konfliktleriñ içindäki şowsuzlyklaryndan däl-de, daşardan gözbaş alyp gaýdýandygyna düşünmezligi jahyllykdyr we

ýöntemlikdir.
Üç ýyl öň Ukrainada global bugdaý krizisini tutaşdyran olar däldi.
Müsürdäki degirmenleriň we çörek bişirilýän ýerleriň artýan sarp edijiligine eýerip bilmezligi Ykdysadyýet ministrliginiň günäsi bolmaýşy ýaly öz mellek ýeriňde we töweregiňde regional uruşyň dowam etmegi-de Ykdysadyýet ministrliginiň günäsi däl.
Bu gorkunç krizisiň ululygyna garamazdan Müsür (hökümet, edara-kärhanalar, guramalar, toparlar, adamlar) iň ýokary derejede jogapkärçlik bilen hereket etdi.
Hemmeler iň ýokary derejede sabyr-takat, çydamlylyk, seresaplylyk görkezdi.
Ahyrsoňunda hökümetem, oppozisiýa hem, haýsy ýerde durandygyny bilmeýän sögünýänçilerem däl-de, diňe müsür halkynyň şu kösençlikleri görendigini hiç kim ýadyndan çykarmasyn.
Müsüri gurşap alan howp-hatarlaryň bardygyny inkär etmek akmaklyk bolar.
Hususanam, arena beýleki ýurtlaryň köpüsi häzirki döwletler hökmünde ýollarynyň bulaşyklygy bilen sarsyp durka, şeýle bilnikli özakymlaýyn uýgunlaşmanyň garşysynda duran köçe ritorikasynyň we men-menlik satmagyň sahnasy däldie.
Häzirki çylşyrymly ýagdaýyň hötdesinden gelmegiň şu boş we posly ýolunyň her müsürlä garşy edilen jenaýatdygyny aýtmak şahyranalygam däl, romantizmem däl. Aýratynam, hökümet meseleleri bilen ekzistensial meseleleriň arasyndaky tapawudyň manysyny bilýänlere garşy.
Semir ATAULLAH,
Liwanly žurnalist.

Şenbe, 16.03.2024 ý. Publisistika